# Ölmezinden öñ ogluna ýazylan hat

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ölmezinden öñ ogluna ýazylan hat ÖLMEZINDEN ÖŇ OGLUNA ÝAZYLAN HAT

Soñky hatymy goýýaryn saña,…
Ençe ýyldyr gursagyñda göterdiñ…
Haklydyñ…
Haklydym men goramana,
Saña degjek, gözden bela-beterden..

-Näm üçin?
-Näm üçin?
Diýen soraga,
Sessiz-üýnsiz, jogap bermäne derek.
Ýel sowran ýaly, sogrulyp gaýtdym,
Aglapdy, ýürek…

Mümkin,
Garaşdyrdym,
Kän garaşypdyñ.
Eliñi üzensiñ, umydyñdanam
Hoşlaşman gitdi diýensiñ welin..
Aý-ýyllar geçip dur,
Unudansyñam.
Dereksiz,
Sebäpsiz,
Jogapsyz goýdum,
Bagyşla meni…

Remezan MÄMETGURBANOW. Goşgular